# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE TÜRKMEN FOLKLORLYK MESELESI

**Kakajanow Röwşen Rahmankakaýewiç,**
*talyp, Ajiniýaz adyndaky Nöküs DPI,*
*Nöküs şäheri*

***Annotasiýa***

*Bu makalada beýik türkmen nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde folklorlyk meselesi ýagny “matallar, nakyllar, atalar sözi, dessançylyk žanyrda” ýaly meseleler halk döredijiligi tarapyndan dowam edip gelýändigi hakynda gürrüň edilýär.*

***Daýanç sözler:*** *Şahyryň döredijiligi, folklorlyk ideýalary, poeziýasyndaky çeperçiligi.*

XVIII asyrda ýaşap geçen beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly türkmen halkynyň milli guwanjydyr. Ol halk arasynda beýik söz ussady, parasatly akyldar, görnükli jemgyýetçilik adamy hökmünde meşhurlyk gazanypdyr. Türkmen halkyň ýüreginden hemişelik orun alyp, wagt geçdigiçe gymmaty artýan ruhy baylyklarymyzyň naýbaşylarynyň biri-de dana Pyragynyň şygryýet ummanydyr. Ol ummanyň her bir damjasy ynsana dogry ýoly salgy berýän, yalňyş pişelerden daşlaşdyrýan melhem. Şonuň üçin-de ol melhem setirler ýyllaryň, asyrlaryň geçmegi bilen gymmatyny artdyryp gidip otyr.

Soňky ýyllarda Özbegistan we Türkmenistan döwletleriniň arasyndaky jemgyýetçilik-ykdysady we medeni ugurlardaky hyzmatdaşlykda önümli çäreler amala aşyrylýar. Şeýle uly çärelere, esasanam, edebiýatlarymyzyň dostlugy simwolyna öwrülen – Alişir Nowaýy we Magtymguly Pyragy ýaly beýik akyldarlaryň döredijiligini her iki edebiýatşynaslykda , giň möçberde öwrenmäge ýol açylmagy, ylmy barlaglar geçirmäge höwäsiň artmagy mysalynda görmek bolar.

**2024-nji ýyl 19-nji fewral senesinde** Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň “Beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy doglan gününiň 300 ýyllygyny giňden bellemek barada” karara gol çekmegi şahyryň döredijilik mirasyna, türkmen halkyna bolan uly hormatdyndan delalatdyr. Bu özbek we türkmen halkynyň “Edebi gatnaşyk – ebedi gatnaşyk” ýörelgesine näderejede ýokary amal edýändiginiň subudy boldy.

Türkmen halkynyň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy – öçmejek ruhy we ahlak gymmatlyklaryna eýe bolup, adamlaryň ruhy dünýäsinde we durmuşynda ýagşylygyň ugrukdyryjysy hökmünde olaryň aňyna baky yşyk bolup ornaşdy. Magtymguly türkmen halkynyň milli şahyry, milli guwanjy, milli buýsanjy hasaplanýar. XVIII asyrdan bäri Magtymguly her bir türkmeniň öýünde, kalbynda, aňynda ýaşap gelýär.

Türkmen diýlende, Magtymguly, Magtymguly diýlende, türkmen diýen söz biygtyýar ýadyňa düşýär[1/101 sah].

Türkmen nusgawy edebiýatynyň düýbüni tutan, edebi dili halkyň gepleşik dili bilen birleşdiren akyldar Magtymgulynyň döredijiligi öz döwrüniň türkmen durmuşynyň ähli meselelerini öz içine gurşap alypdyr. Onuň döredijiliginde edep-terbiýe, ylym-bilim, ahlak, mertlik-namartlyk, gahrymançylyk, watançylyk, milli döwlet ýaly pelsepewi garaýyşlaryndan başga-da, gündelik durmuşy–döwrüniň toýuny-ýasyny, durmuş günemasyny suratlandyrýan, türkmen tebigatyny, uz gelin-gyzlaryny, batyr ýigitlerini wasp edýän şygyrlaryda sanardan köp.

Döreden adamyň kimdigi belli bolmadyk, emma halk arasynda giňden meşhur bolup, asyrlarboýy halk köpçüligi arasynda dilden-dile, nesilden-nesle geçip, ýatdan aýdylýan edebi döredijilige halk döredijiligi(folklor)diýilýär. Halk döredijiligine degişli bolan eserleriň belli bir awtory bolmaýar. Eserleriň haýsy birini alsak-da, ol ussat, zehinli adamlar tarapyndan döredilipdir. Emma wagtyň geçmegi bilen ony döreden adamyň ady unudylypdyr. Eser halkyň diline geçip, iliçine ýaýransoň, onuň awtoryna ähmiýet berilmeýär.[2/6]

Türkmen klassyklary halk döredenliginiň dürli žanrlaryndan peýdalanypdyrlar. Olar nakyllardyr matallara-da, şorta sözlerdir ýomaklara-da, rowaýatdyr legendalara-da, ertekilerdir epos-dessanlara-da ýygy-ýygydan ýüzlenip durupdyrlar. Şahyrlaryň hemmesiniň halk döredijiliginden peýdalanyşlary bir meňzeş bolmandyr. Olaryň käbiri folklora azrak, käbiri bolsa köpräk ýüzleinipdir. Şonuň, ýaly-da her bir söz ussadynyň ýykgyn edýän haýsydyr bir ugry bolupdyr. Bize belli bolşuna görä, dessançylar, köplenç halk döredijiliginiň erteki, rowaýat žanryna ýüzlenipdirler.

Şahyryň ýaşan döwründe türkmen halkynyň durmuşynda sowatsyzlyk höküm sürüpdir. Halkyň köpüsi ýazyp hem okap bilmändir. Magtymguly şu ýagdaýdan ugur alyp, diňe okamak üçin däl-de ýat tutmak, aýdym edip aýtmak üçin amatly eserleri döretmäge mejbur bolupdyr. Şeýle edilende, ol bagşy-sazandalaryň repertuary üçin-de amatly bolupdyr[3/28].

Magtymguly halk döredijiliginiň dürli žanrlaryndan peýdalanypdyr. Ol nakyllardyr matallara-da, şorta sözlerdir ýomaklara-da, rowaýatdyr legendalara-da, ertekidir epos-dessanlara-da ýüzlenip, olardan geregini alypdyr.

Dessançylar köplenç halk döredijiliginiň erteki, rowaýat žanryna ýygy-ýygydan ýüzlenen bolsalar, Magtymguly öz lirikasynda nakyllara, matallara köpräk ýykgyn edipdir. Magtymgulynyň nakyllary bolşy ýaly ulanan halatlary-da, olary

gysgalan görnüşde ýa-da manysyny alýan ýerleri-de bar. Ol nakyla ýüzlenende: «*Aýdarlar, diýipdirler, nakyl bardyr, bu nakyldyr*» diýen ýaly sözleri getirýär:

*Aýdarlar ýyrtyk don görse it gapar,*
*Päli azan bende hudaýdan tapar.*

*Gawunyň gowusyn şagal iýr diýrler,*
*Ykbally bendäniň paýy gözel sen[4/139]*

Magtymguly we beýleki türkmen klassyklary ertekilerden, rowaýatdyr şorta sözlerden hem peýdalanypdyrlar. Olar1y öz pikirlerini okyjylara düşnükli dilde beýan etmek, onuň emosional täsirliligini, halkylygyny güýçlendirmek maksady bilen, goşgularynyň içinde haýsydyr bir ertekini, rowaýaty, onuň gahrymanyny ýa-da belli bir epizodyny ýatlap geçipdirler. Bu babatdan Magtymguly türkmen klassyklarynyň köpüsinden belentde durýar. Onuň köp şygyrlarynda diýen ýaly şu ýagdaýy görmek bolýar. Pikirimizi delillendirmek üçin käbir mysallara ýüzleneliň. Şahyr «Başy gerekdir» atly goşgusynda ertekileriň, birnäçe allegorik obrazlaryny ýatlap geçýär hem-de hakyky watançylara garganyňky ýaly wähimliligiň, gaplaňyňky ýaly güýçlüligiň, tilkiniňki ýaly sapalagyň, mekirligiň, bürgüdiňki dek görgürligiň, algyrlygyň, doňuzyňky ýaly okgunlylygyň we ýene-ýeneleriň, gerekdigini aýdyp geçýär.

*Gaplaň kimin arlap girse meýdana,*
*Tilki kimin bazy berse her ýana,*
*Duranda gaýa dek durup merdana,*
*Alar ýerden at salyşy gerekdir.*

Şahyr şygyrlarynda diňe ertekileri däl, «Görogly», «Şasenem-Garyp», «Ýusup-Züleýha», «Leýli-Mejnun» ýaly ençeme halk epos-dessanlaryny-da ýatlaýar. Ol okyjylara bu eserleri, olaryň gahrymanlaryny ýatlatmak bilen, az sözde uly mazmuny aňlatmagy gazanýar.[4/9]

Şahyr ynsanlar durmuşyndaky zerurlyklar barada şahyryň esasy öňe süren meselesi hem ýagşylyk etmek, ynsana ýamanlyk etmezlik. Türkmen halky «Ýagşylyk et-de, derýa at, balyk biler, balyk bilmese, Halyk biler» diýýär. Magtymguly şahyr bolsa

*«Goldan gelen ýagşylygyň bolmasa,*
*Köňül içre ýagşy niýet ýagşydyr»* diýýär.[5/148]

Öz gezeginde Magtymguly hem öz poeziýasy arkaly halk döredijiligine gymmatly goşant goşupdyr. Onuň köp goşgularynyň setirleri atalar sözlerine öwrülip gidipdir.

Görşümiz ýaly, beýik akyldar halk döredijiliginden ýerlikli peýdalanyp, eserleriniň ideýa-mazmunyny baýlaşdyrypdyr, çeperçiligini güýçlendiripdir.

**Peýdalanylan edebiýatlar:**

1. Kakajan Ataýew XVIII asyr türkmen edebiýaty Aşgabat “magaryf” 1998
2. Hojamyrat Goçmyradow Türkmen halk döredijiligi Aşgabat-2010 ..
3. K. Ataýew XVIII asyr türkmen edebiýaty: Ýokary okuw jaýlarynyň filologiýa fakultetleri üçin okuw kitaby. – A: Magaryf, 1986,
4. Edebiýat we sungat gazeti ,
5. Köňül gözgüsi. Magtymgulynyň 290 ýyllygyna bagyşlanan makalalar ýygyndysy. 2014 .